**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň guramagynda ýurdumyzyň umumy bilim berýän orta mekdepleriniň 11-nji synp okuwçylarynyň arasynda himiýa dersi boýunça geçiriljek internet olimpiada üçin**

# GÖZÜKDIRIJI

- Olimpiada 2022-nji ýylyň 14-nji maýynda sagat 10:00-da Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty bilen onlaýn wideo aragatnaşyk arkaly geçiriler.
- Olimpiada ýurdumyzyň, şol sanda Aşgabat şäheriniň her etrabyndan 1 okuwçy (11-nji synp), welaýatlaryň merkezi şäherlerinden we Aýratyn zehinli çagalaryň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Döwlet mekdep-internatyndan 3 okuwçy (11-nji synp) gatnaşyp biler. Etraba (ýa-da şähere) wekilçilik etjek okuwçy degişli welaýat (Aşgabat şäher) Baş bilim müdirligi tarapyndan bäsleşik esasynda saýlanylmaly. Olimpiada Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň web saýtynyň (www.tdmugi.edu.tm) binýadynda onlaýn görnüşde geçiriler. Olimpiada geçiriljek güni www.tdmugi.edu.tm saýtda wideo aragatnaşyga goşulmak üçin ZOOM wideo çatyň salgysy sagat 08:00-da, olimpiadanyň ýumuşlary bolsa sagat 10:00-da goýular.
- Gatnaşyjylaryň ýerleşýän otagynda internet ulgamyna birikdirilen kompýuter goýulmaly, ol Yandex (ýa-da Google Chrome) brauzeriň, ZOOM programmasynyň iň soňky görnüşi, şeýle hem skanerli printer bilen üpjün edilmelidir. Olimpiadanyň dowamynda bu kompýuter arkaly wideo gözegçilik üpjün edilmeli.
- Olimpiadanyň geçirilýän ýerini doly gözegçilikde saklamak we ýazgy etmek üçin iki sany web kamera (gatnaşyjylaryň öňünden we arkasyndan synlamak maksady bilen) gurnamaly hem-de olaryň mikrofonlary olimpiada tamamlanýança doly işjeň ýagdaýda bolmaly;
- Gatnaşyjylara öz ýany bilen aragatnaşyk serişdelerini, foto, audio we wideo enjamlary, gözükdiriji serişdeleri hem-de maglumat görkezijileri, aragatnaşyk geçiriji islendik serişdeleri ulanmak rugsat berilmeýär.
- Olimpiada gatnaşýan okuwçylar ýumuşlary özbaşdak işlemeli. Olimpiadanyň geçirilýän wagty, goşmaça kömek edilen, töweregindäki ýoldaşlary bilen özara gürleşen, kitap-gazet we beýleki maglumat serişdelerini ulanan ýa-da yzygider töweregine garanjaklan gatnaşyjy bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar;
- Olimpiadada mekdepde öwredilýän himiýa dersiniň maglumatlaryna daýanýan 5 (bäş) sany mesele hödürlenip, olary ýerine ýetirmek üçin 100 (ýüz) minut wagt beriler. Ýumuşlar gatnaşyjylar tarapyndan ýerine ýetirilenden soň, olary skanirläp ugratmak üçin jogapkärlere 30 (otuz) minut wagt beriler. Skanirlemek we ugratmak işi web-kameranyň öňünde amala aşyrylmalydyr.

Jogaplary iolymp-tspi@yandex.ru salga ugradyp, soňra wideo çatdan çykmaklyga rugsat berilýär.
- Olimpiadany guramaçylykly geçirmek we jemini jemlemek üçin Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty tarapyndan guramaçylyk topary döredilýär;
- Orta mekdeplerden jogapkär mugallymlar olimpiadanyň geçirilişine onlaýn wideoşekiller arkaly gözegçilik edip bilerler;
- Arz-şikaýatlar bilen diňe welaýat (Aşgabat şäher) Baş bilim müdirligi tarapyndan bellenen jogapkärler eminler toparyna ýüz tutup biler;
- Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär hem-de bu gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däldir.
- Olimpiadanyň netijesi ýumuşlary ýerine ýetirmek arkaly toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlener we gatnaşyjylaryň 30%-ine I, II we III orunlar beriler.
- Olimpiadanyň netijesi beýanlar arkaly resmileşdiriler we eminler toparynyň netijenamasy esasynda gatnaşýan okuwçylaryň ýeňijileri yglan edilip, ýeňijiler barada maglumatlar institutyň web saýtynda ýerleşdiriler;
- Ýeňijiler Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty tarapyndan degişlilikde I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanar.

Habarlaşmak üçin telefonlar: +99363100436, +99364785258

Email: iolymp-tspi@yandex.ru

**Guramaçylyk topary**